# Göreniň galar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Göreniň galar GÖRENIŇ GALAR



Gez serim jahanda köňlüň hoş eýläp,
Bu ajap dünýäde göreniň galar.
Iý, iç, geýin, guçuş gezilme arlap,
Harama sürtünseň harlanyň galar.
Kysmaty jahanyň keçdir söwdasy,
Ykbalyň aşygy nesibäň tasy,

Iman, at abraý ömrüň peýdasy,
Seniň özüň peşgeş bereniň galar.

Gelipdiň sen dünýä gül günüň çagy,
Biwagt çagynyň ol mährem aýy,
Gidersiň solduryp daragyty bagy,
Munda seniň genju söýeniň galar.

Şol gün seniň baky aý, güniň batar,
Ertir seniň däldir, ol dogulan hatar,
Bu doguljak daňda mazaryň biter,
Gaflatdaky isläp sarganyň galar.

Ýat eýläp gidersiň köşgu eýwanyň,
Zara goýup söýüp şirin ýan janyň,
Sen erksizsiň, öz erkine geýmäniň,
Bagryn dalap seniň söýüleniň galar.

Halmyrat bu ömür ne pursat sagat,
Iý, iç, geýin, guçuş halalu tagat,
Haramdan ýetirseň köşgüňi gat gat,
Sorag hasap güni ýyglanyň galar. Goşgular